# Ekologiýa syýasaty geljekki nesilleriň bagtyýar durmuşynyň üpjün edilmeginiň aýdyň güwäsidir

Türkmenistan döwleti Garaşsyzlygyna eýe bolandan öz ýol-ýörelgesini saýlap alyp, tiz wagtyň içinde dünýä siwilizasiýasyna sazlaşykly goşuldy. Ylmy-tehniki ösüş ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň ösmegine täsir edip, türkmen halkynyň bolelin we erkana durmuşda ýaşamagyna giň mümkinçilikleri döretdi. Tebigy baýlyklar we olaryň gorlary rejeli, iňňän oýlanyşykly peýdalanyp başlandy. Ähli gazma baýlyklar (nebit, tebigy gaz we ş.m.) çykarylanda daşky gurşawa ýetirilýän täsirler pugta göz öňünde tutulyp, ekologiýa howpsuzlygynyň kadalary berk berjaý edilýär. Milli ykdysadyýetimiziň yzygiderli ösüşini üpjün etmekde ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak baradaky alnyp barylýan ähli giň gerimli özgertmeler daşky gurşawyň ekologiýa taýdan abadançylygy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

**Ekologiýa syýasatynyň esasy maksady – adamyň ýaşaýşynyň we işiniň çeşmesi hökmünde çykyş edýän tebigatyň abat saklanmagy hem-de onuň baýlyklaryndan rejeli peýdalanmagy üpjün etmekden ybarat bolup durýar.** Türkmenistanda tebigaty goramak, onuň serişdelerini rejeli peýdalanmak we täzeden dikeltmek, daşky gurşawy sagdynlaşdyrmak milli döwlet wezipesidir, ählihalk işidir, Türkmenistanyň her bir raýatynyň ahlak borjudyr.

Ýurdumyz BMG-niň tebigaty goramak babatdaky esasy resminamalaryny, şol sanda Biologik köpdürlülik hakyndaky, Ozon gatlagyny goramak hakyndaky, Çölleşmäge garşy göreşmek baradaky Konwensiýalary, Howanyň üýtgemegi boýunça Pariž Ylalaşygyny tassyklap, öz üstüne alan borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda «ýaşyl» ykdysadyýetiň standartlaryny ornaşdyrmak, işiň ähli ugurlarynda ýokary ekologiýa talaplaryny berjaý etmek, sebit we dünýä derejesinde durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda edilýän işler ekologiýa syýasatynyň iş ýüzünde durmuşa geçýändiginiň subutnamasydyr.

**Maksatberdi GURBANBERDIÝEW**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**

**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy**

Все права защищены

22.11.2024